# Aglaşdylar…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Aglaşdylar… AGLAŞDYLAR…

Aglaşdylar,
Göterdiler jesedin,
Nowjuwan açylan ter gözel gyzyñ
Ýöne il içinde gepi köpeldi,
Myş-myşlar göterdi öliniñ yzyn.

– Ol, edeplidi.
Estagfuralla,
Adamzat ölmese, görjek her zady
Akylly diýäniñ çykýar bihaýa
Jaý ýerine ýetmänkä porsady ady.

– Özüne kast etjek gyzlardan däldi.
– Akyllydy,
– Edeplije çagady,
– Aýt joram, bu zadyñ sebäbi näme?
Ene welin, bagryn tutup aglady,

Gyz gitdi.
Göwrelimiş diýdiler,
Käsi ýeter-ýetmezlikden diýişdi.
Anyk sebäbini bilýän adam ýok,
Myş-myş gybatlara siñekler üýşdi.

Ýöne,
Gyz namysynam gorapdy,
Ýetmezçilikdenem gezmezdi nalap,
Kalbyna ot salan kiçijek haty,
Okap, geçiripdi gijesin aglap…

…Aglaşdylar.
Aglaşdylar ses edip,

Ýany bilen äkidipdi syryny.
Gybatyn etdiler giden jesediñ,
Güman tutdy hakykatyñ ýerini.

Remezan MÄMETGURBANOW.

01.10.2022ý Goşgular